# Arap pähimleri

Category: Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Arap pähimleri ARAP PÄHIMLERI



– Kakañ miras galdyrmadyk bolsa, agaña bil baglama.
– Karz berseñ – sen dost, algyñy dileseñ – sen duşman.

– Karz almak – süýji, bergiñi bermek – ajy.

– Kesekiniñ bugdaýyndan öz arpañ gowudyr.

– Köp gürleýän adam, özüne bolan sylagy ýitirer.

– Kim bir kemsiz dost gözleýän bolsa, ol dostsuz galar.

– Könäñi aýap sakla, täzesiniñ bolmazlygy mümkin.

– Kim gaty uly bölegi dişläp alsa, onuñ bogazyna tegek bolmagy mümkin.

– Kim ekinini suwarýan bolsa, ol bugdaýyñ döwegini-de döwer.

– Kim kesekiniñ gybatyny edýän bolsa, ol seniñem gybatyñy edýändir.

– Kölege bermeýän agajy kesýärler.

– Kör bilen bir tabakdan nahar iýeñss adalatly bol.

– Maly gulagyndan ýapyşyp tutýarlar, adamy dilinden.

– Masgaralyk ömrüñden-de uzyndyr.

– Maýmyn aýnada öz keşbinden gorkýar.

– Nahar ilkinji lukmadan başlanýar, dawa ilkinji sözden.

– Ogluñ – özüñki, gyzyñ – kesekiñki.

– Özüñ ýagşylyk eden bolsañ, öwünme, özüñe ýagşylyk eden bolsalar – aýt.

– Öz syryñy hemmeden gowy öz ýüregiñ saklar. Öz aladañy garyndaşlaryñdan başga hiç kim paýlaşmaz.

Terjime eden: Hangeldi GARAHANOW.

Surat: K.Makowskiý / «Arabyñ portreti» Sözler